Türkmeniň dogruçyllyk, hakykaty ýaýmak, adalaty dabaralandyrmak häsiýeti milletiň jöwher paýhasynyň, durmuş tejribesiniň miwesi bolan halk döredijilik eserlerine-de siňipdir. Biziň nakyllarymyzdyr atalar sözlerimiz dogruçyllygy ündese, ertekilerimiz, dessanlarymyzdyr şadessanlarymyz dogruçyllygy dabaralandyrýar. Olarda baş gahrymanlar dogrusyny sözläp, hakykaty aýdyp öz maksat–myratlaryna ýetýärler.Ýalan sözläp, hilegärlik edenler ryswa bolup, il içinde abraýdan düşýärler.

Soňky wagtlarda tehnikanyň ösmegi netijesinde adamlaryň arasyndaky söz gatnaşygynda, telefon, internet, faks ýaly tehniki serişdeler köp ulanylýar. Olaryň arasynda telefon aragatnaşygy has-da giň ýaýrady. Ykjam telefonlaryň üsti bilen dürli künjekdäki adamlar bilen gürleşip ýa-da maglumat alşyp bolýar. Emma talyplaryň arasynda bu enjamy ýerlikli ulanmagyň edep kadalarynyň bozulýan ýagdaýlaryna gabat gelmek bolýar. Awtobuslarda töweregindäki adamlary sylaman, telefonda gödek gepleşmek ýa-da gaty ses bilen aýdym aýtdyrmak görümsizligi, göterimliligi, biedepliligi aňladýar. Käwagt okuw otaglarynda sapak diňlemegiň ýerine telefony bilen başagaý bolup oturan gyz-oglanlary-da görmek bolýar. Öý telefony bolsun, el telefony bolsun, ony peýdalanmagyň öz edep kadalary bar. Aýdylýan, anyklanmaly maglumatlar örän gysgadan düşnükli bolmaly.

Gepleşigiň wagtyny, mümkin boldugyndan, tygşytly peýdalanmalydyr. Aşakdaky iki sany telefon gepleşiginden alnan ýazgyny deňeşdirmek arkaly öz pikiriňizi aýdyň. Sözleýiş medeniýetini berjaý etmek üçin, ilkinji nobatda sözüň güýjüne düşünmeli. Sözüň güýjüne, sözüň täsirine düşünen adamyň sözleýiş medeniýeti-de ýokary bolýar.

**Güljahan ÖWEZDURDYÝEWA**
**Daşoguz welaýatynyň Beki Seýtäkow adyndaky mugallymçylyk mekdebiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.11.2024